***XXI asyryň tehnologiýa ösüşi programmirleme dilleriniň ähmiýetini has-da artdyrdy. Dünýä ykdysadyýetiniň, ylym-biliminiň, sanly hyzmatlaryň we emeli aň ulgamynyň ösmegi bilen, iň köp ulanylýan programma dili baradaky mesele diňe IT hünärmenleriniň däl, eýsem giň jemgyýetiň hem ünsüni özüne çekýär. Häzirki wagtda dürli halkara indeksleriniň maglumatlaryna görä, Python dünýäde iň giňden ulanylýan we iň çalt ösýän programmirleme dilleriniň hatarynda öňdäki orunlaryň birini eýeleýär.***

Python-yň meşhurlygynyň esasy sebäpleriniň biri onuň ýönekeý gurluşydyr. Bu dil täze öwrenijiler üçin amatly bolmak bilen bir hatarda, emeli aň, maglumat seljermesi, awtomatizasiýa we web ösüşi ýaly möhüm ugurlarda giňden ulanylýar. Şeýlelikde, dünýäniň öňdebaryjy kompaniýalary hem ylmy merkezleri bu dili öz taslamalarynyň esasy guralyna öwürýärler.

Şeýle-de bolsa, programmirleme giňişliginde diňe Python däl, eýsem C#, Java we C++ ýaly diller hem güýçli ornuny saklaýar. Mysal üçin, soňky ýyllarda C# iň çalt ösýän dilleriň biri hökmünde öňe çykdy. Onuň köp platformaly mümkinçilikleri, oýun industriýasyndaky orny we açyk çeşme ekosistemasy bu dili täze derejä çykardy. Java bolsa korporatiw ulgamlar, bank hyzmatlary we Android ekosistemasy üçin hemişelik strategiki ähmiýetini saklaýar.

Programmirleme dilleriniň meşhurlygynyň artmagy diňe tehniki aýratynlyklara bagly däl. Jemgyýetçilik goldawy, giň dokumentasiýa, okuw serişdeleri, iş bazaryndaky isleg we jemgyýetçilik platformalarynyň işjeňligi hem möhüm rol oýnaýar. Şonuň üçin hem häzirki wagtda öňdäki orunlary eýeleýän diller diňe tehnologiýanyň däl, eýsem jemgyýetçilik goldawynyň hem netijesidir.

Geljekki ýyllarda emeli aň, kwant hasaplama we web 3.0 ýaly ugurlaryň ösmegi bilen programmirleme dilleriniň meşhurlygy hem üýtgäp biler. Şeýle-de bolsa, häzirki wagtda Python, Java, C#, C++ ýaly diller dünýäniň sanly ösüşiniň esasy sütünleri bolup galýar. Bu bolsa programmistler üçin täze mümkinçilikleriň we täze döredijilik meýdanlarynyň açylýandygyny görkezýär.

**Arslan JANMYRADOW**
**Türkmenistanyň Döwlet energetika institutynyň mugallymy**

Все права защищены

save pdf date >>> 11.01.2026